Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
– BIZ PARAHATÇYLYGYŇ WE ADAMZADYŇ SAZLAŞYKLY ÖSÜŞINIŇ BÄHBIDINE ÖZ GOŞANDYMYZY GOŞMAGA HEMIŞE TAÝÝARDYRYS.

#33 (316)
пятница, 4 сентября 2026 года

ESASLANDYRYJY – TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGI

ELEKTRON GAZET 2020-nji ÝYLYŇ 1-nji AWGUSTYNDAN BÄRI ÇYKARYLÝAR

ИНТЕРНЕТ ГАЗЕТА
Международные новости

# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI



**28-nji awgustda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi.**

Onda döwlet durmuşyna degişli birnäçe meselelere seredildi.

Ilki bilen, Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa ýurdumyzyň kanunçylyk binýadyny berkitmek boýunça alnyp barylýan işler barada maglumat berdi.

Hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisine gowy taýýarlyk görmegiň, ýurdumyzyň kanunçylyk binýadyny berkitmek boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmegiň möhümdigini belledi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary H.Geldimyradow, G.Agajanow, T.Atahallyýew, B.Annamämmedow, N.Atagulyýew degişli ugurlarda alnyp barylýan işler barada hasabat berdiler.

Hormatly Prezidentimiz hasabatlary diňläp, wise-premýerlere anyk tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Seýidowa şu ýylyň sentýabr aýynda geçiriljek esasy çäreleriň Tertibi barada hasabat berdi.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň Garaşsyzlygynyň 35 ýyllygy mynasybetli sentýabr aýyndaky baýramçylyk çärelerine we Döwlet münberiniň öňünde geçiriljek dabaralara ýokary derejede taýýarlyk görmegiň wajypdygyna ünsi çekdi. Döwlet Baştutanymyz wise-premýere ulanmaga berilýän medeni-durmuş maksatly binalaryň açylyş dabaralaryna gowy taýýarlyk görmegi we olary ýokary derejede geçirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Mämmedow Bilimler we talyp ýaşlar gününe hem-de 2026-2027-nji täze okuw ýylyna görülýän taýýarlyk işleri barada hasabat berdi. Şunuň bilen baglylykda, dürli dabaralaryň, şol sanda Garaşsyzlyk binasynyň öňünde, Berdimuhamet Annaýew adyndaky Arkadag şäher mugallymçylyk orta hünär okuw mekdebinde, Gökdepe etrabynyň Yzgant şäherçesindäki Berdimuhamet Annaýew adyndaky 27-nji orta mekdepde çäreleriň geçirilmeginiň meýilleşdirilýändigi aýdyldy.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, Bilimler we talyp ýaşlar güni mynasybetli çäreleri ýokary derejede guramaçylykly geçirmegiň möhümdigini belledi. Hormatly Prezidentimiz wise-premýere täze okuw ýylynyň başlanmagy bilen, 1-nji synpa kabul edilýän mekdep okuwçylaryna döwrebap kompýuterleri sowgat bermäge taýýarlyk görmegi tabşyrdy.

Wise-premýer hasabatyny dowam edip, «Ýol hereketiniň howpsuzlygy — ömrümiziň rahatlygy» atly ýol hereketiniň kadalaryny berjaý etmek boýunça bir aýlyk çäreleri geçirmek boýunça alnyp barylýan işler barada aýtdy. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli teklip hödürlenildi.

Döwlet Baştutanymyz wise-premýere ýol hereketiniň howpsuzlygy boýunça nobatdaky çäräni guramaçylykly geçirmegi tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasy bilen hyzmatdaşlygynyň meseleleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasy bilen yzygiderli we ýakyn hyzmatdaşlygy belledi. Döwlet Baştutanymyz ýurdumyz bilen BMG-niň arasyndaky hyzmatdaşlygy berkitmek boýunça teklipleri goldap, wise-premýer, daşary işler ministrine bu ugurda alnyp barylýan işleri dowam etdirmegi tabşyrdy.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň sanly ulgam arkaly geçirilen mejlisini jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, berkarar Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПРИНЯЛ МИНИСТРА ИНОСТРАННЫХ ДЕЛ ЯПОНИИ

30 августа 2026 года Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов принял Министра иностранных дел Японии Тосимицу Мотэги.

Выразив признательность главе государства за уделённое время и оказанное гостеприимство, Тосимицу Мотэги отметил, что в Японии придают важное значение развитию взаимовыгодных отношений с Туркменистаном, рассматривая его в качестве надёжного партнёра.

Глава внешнеполитического ведомства Японии передал Президенту Сердару Бердымухамедову и Герою-Аркадагу тёплые слова приветствия от Императора Японии Нарухито и Премьер-министра Санаэ Такаити.

Тосимицу Мотэги также выразил признательность Президенту Туркменистана за соболезнование, направленное в связи с землетрясением, произошедшим в японской префектуре Кумамото.

Адресовав ответные наилучшие пожелания руководству Японии, глава государства выразил уверенность, что визит Тосимицу Мотэги в Туркменистан станет важным шагом в расширении двустороннего сотрудничества.

Было отмечено, что Туркменистан придаёт особое значение дальнейшему развитию отношений с Японией в Азиатско-Тихоокеанском регионе. Партнёрство между двумя странами носит долгосрочный стратегический характер, а межгосударственный диалог последовательно развивается на основе принципов равноправия, взаимного уважения и доверия.

В настоящее время осуществляется активное туркмено-японское сотрудничество не только в двусто-

*(Окончание на 2-й стр.)*

### ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ КОРОЛЯ НОРВЕГИИ

Президент Сердар Бердымухамедов от имени народа и Правительства Туркменистана, а также от себя лично направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Его Величеству Королю Норвегии Хокону VIII по случаю вступления на престол.

Пользуясь случаем, глава государства искренне пожелал Королю Хокону VIII крепкого здоровья, счастья и благополучия, а всему народу Норвегии – мира, прогресса и процветания.

### ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА СОЦИАЛИСТИЧЕСКОЙ РЕСПУБЛИКИ ВЬЕТНАМ

Президент Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Президенту Социалистической Республики Вьетнам То Ламу по случаю национального праздника – Дня независимости Социалистической Республики Вьетнам.

Пользуясь представившейся приятной возможностью, глава Туркменистана адресовал Президенту То Ламу искренние пожелания крепкого здоровья, счастья и благополучия, а народу Вьетнама – мира, прогресса и процветания.

### ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА РЕСПУБЛИКИ УЗБЕКИСТАН

Президент Сердар Бердымухамедов от имени народа и Правительства Туркменистана, а также от себя лично направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Президенту Республики Узбекистан Шавкату Мирзиёеву и братскому народу страны по случаю 35-летия независимости Республики Узбекистан.

«За годы суверенного развития Республика Узбекистан добилась значительных успехов в укреплении государственности, улучшении благосостояния народа и повышении авторитета страны на международной арене», – подчеркнул в своём послании глава Туркменского государства.

С удовлетворением констатируя возрастающую динамику и поступательный темп развития туркмено-узбекских отношений, основанных на принципах добрососедства, дружбы и взаимной поддержки, отличающихся обоюдным доверием, равноправием и открытостью, Президент Сердар Бердымухамедов выразил твёрдую уверенность, что благодаря совместным усилиям братские отношения, носящие стратегический характер, будут и впредь наращиваться и углубляться на благо наших народов.

Пользуясь представившейся приятной возможностью, глава Туркменистана искренне пожелал Президенту Шавкату Мирзиёеву крепкого здоровья, счастья и благополучия, а братскому народу Республики Узбекистан – мира, процветания и успехов.

### ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА КЫРГЫЗСКОЙ РЕСПУБЛИКИ

Президент Сердар Бердымухамедов от имени народа и Правительства Туркменистана, а также от себя лично направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Президенту Кыргызской Республики Садыру Жапарову и народу страны по случаю 35-летия независимости Кыргызской Республики.

«Кыргызская Республика за годы независимости достигла значительных успехов в политической и социально-экономической сферах и сегодня стремительно развивается в различных отраслях», – отметил глава государства.

С удовлетворением констатируя нарастающий ныне динамичный и поступательный характер туркмено-кыргызских отношений, основанных на принципах добрососедства, дружбы и взаимопонимания, Президент Сердар Бердымухамедов выразил готовность и далее поддерживать тесное сотрудничество на благо двух народов.

Пользуясь представившейся приятной возможностью, глава Туркменистана адресовал Президенту Садыру Жапарову искренние пожелания крепкого здоровья, счастья и благополучия, а братскому народу Кыргызской Республики – мира, дальнейшего прогресса и процветания.

### ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ РУКОВОДСТВО МАЛАЙЗИИ

Президент Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Премьер-министру Малайзии Анвару Ибрахиму, XVII Верховному Главе Малайзии Султану Ибрахиму ибни Алмархуму Султану Искандару и дружественному народу страны по случаю национального праздника – Дня независимости.

Подчеркнув, что в Туркменистане высоко ценят традиционно дружественные отношения с Малайзией и придают большое значение их наращиванию на принципах взаимоуважения, доверия и равноправия, Президент Сердар Бердымухамедов выразил уверенность в их дальнейшем успешном развитии и укреплении.

Глава государства также отметил, что с особой теплотой вспоминает переговоры с Премьер-министром Анваром Ибрахимом, которые прошли недавно в Ашхабаде в атмосфере взаимопонимания. «В ходе встречи вновь подтверждено обоюдное стремление к дальнейшему укреплению туркмено-малайзийского партнёрства, а также приняты важные решения по расширению и углублению двустороннего сотрудничества», – подчеркнул Президент Сердар Бердымухамедов и выразил убеждённость, что итоги официального визита Премьер-министра Малайзии послужат интересам наших народов.

Пользуясь представившейся приятной возможностью, глава Туркменистана адресовал Премьер-министру Анвару Ибрахиму и XVII Верховному Главе Султану Ибрахиму ибни Алмархуму Султану Искандару искренние пожелания крепкого здоровья и счастья, а малайзийскому народу – мира, благополучия, дальнейшего прогресса и процветания.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПРИНЯЛ МИНИСТРА ИНОСТРАННЫХ ДЕЛ ЯПОНИИ

(Начало на 1-й стр.)

роннем формате, но и в рамках авторитетных международных организаций, в первую очередь ООН.

В данном контексте глава государства подчеркнул успешное взаимодействие в рамках Диалога «Центральная Азия + Япония».

Президент Туркменистана отметил, что в прошлом году совершил рабочий визит в Японию для участия в первом саммите Диалога «Центральная Азия+Япония», в ходе которого были проведены переговоры на высоком уровне и достигнуты важные договорённости, подчеркнув, что с теплотой вспоминает встречи с Императором Японии Нарухито и Премьер-министром Санаэ Такаити.

Тосимицу Мотэги отметил, что визиты Президента Туркменистана в Японию придали мощный импульс дальнейшему развитию и обогащению новым содержанием японо-туркменского сотрудничества.

В ходе встречи также с удовлетворением констатировалось последовательное развитие межпарламентских связей между двумя странами. Особое внимание было уделено значимости работы Туркмено-японской межпарламентской группы дружбы.

Было отмечено, что межгосударственные отношения охватывают политико-дипломатическую, торгово-экономическую, культурно-гуманитарную и другие сферы.

В этой связи Президент Сердар Бердымухамедов подчеркнул, что торгово-экономическая сфера является одним из приоритетных векторов двустороннего партнёрства. Большая роль в его развитии отводится Туркмено-японскому комитету по экономическому сотрудничеству.

Отметив, что у Туркменистана накопился позитивный опыт многолетнего взаимодействия в газовой отрасли и химической промышленности с такими крупными японскими компаниями, как «Itochu Corporation», «Toyo Engineering Corporation», «Kawasaki Heavy Industries Ltd.», глава государства подчеркнул наличие широких возможностей для японских компаний в этих направлениях.

Культурно-гуманитарная сфера также занимает важное место в укреплении межгосударственных отношений, сближении народов и взаимном обогащении культур. В настоящее время особое внимание уделяется развитию сотрудничества между Туркменистаном и Японией в области культуры. Проведение взаимных Дней культуры, выставок и других культурных мероприятий является ярким тому подтверждением.

В завершение встречи Президент Сердар Бердымухамедов и Министр иностранных дел Японии Тосимицу Мотэги выразили уверенность в дальнейшем укреплении межгосударственного сотрудничества и обменялись наилучшими пожеланиями.

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI BILEN ERMENISTAN RESPUBLIKASYNYŇ PREMÝER-MINISTRINIŇ ARASYNDA TELEFON ARKALY SÖHBETDEŞLIK

2026-njy ýylyň 4-nji sentýabrynda Prezident Serdar Berdimuhamedow bilen Ermenistan Respublikasynyň Premýer-ministri Nikol Paşinýanyň arasynda telefon arkaly söhbetdeşlik geçirildi.

Söhbetdeşler mähirli salamlaşyp, döwletara gatnaşyklaryň ileri tutulýan ugurlaryny ara alyp maslahatlaşmaga dörän mümkinçilige kanagatlanma bildirdiler.

Premýer-ministr Nikol Paşinýan Ermenistanda Türkmenistanyň gazanýan ösüşlerine ýokary baha berilýändigini, dostluga we deňhukuklylyga esaslanýan hyzmatdaşlygyň mundan beýläk-de ösdürilmegine möhüm ähmiýet berilýändigini belledi hem-de pursatdan peýdalanyp, türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyza mähirli salamyny we iň gowy arzuwlaryny beýan etdi.

Bellenilişi ýaly, Türkmenistan bilen Ermenistan Respublikasy diňe bir ikitaraplaýyn görnüşde däl, eýsem, halkara düzümleriň çäklerinde hem üstünlikli hyzmatdaşlyk edýärler.

Ermenistanyň Hökümetiniň Başlygy Türkmenistanyň ählumumy ekologiýa abadançylygyny üpjün etmäge gönükdirilen halkara başlangyçlarynyň möhüm ähmiýetini belledi hem-de hormatly Prezidentimizi şu ýylyň oktýabr aýynda Ýerewan şäherinde BMG-niň Bioköpdürlülik baradaky Konwensiýasyna gatnaşyjy taraplaryň 17-nji maslahatynyň (COP 17) öň ýanynda geçiriljek Liderleriň sammitine gatnaşmaga çagyrdy.

Döwlet Baştutanymyz çakylyk üçin minnetdarlyk bildirip, bu çäräniň daşky

*(Dowamy 3-nji sahypada).*

# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI BILEN ERMENISTAN RESPUBLIKASYNYŇ PREMÝER-MINISTRINIŇ ARASYNDA TELEFON ARKALY SÖHBETDEŞLIK

*(Başlangyjy 2-nji sahypada).*

gurşawy goramak işinde möhüm waka boljakdygyny belledi hem-de Türkmenistanyň oňa işjeň gatnaşjakdygyny tassyklady. Şeýle hem Prezident Serdar Berdimuhamedow şu ýyl Türkmenistanyň GDA-da başlyklyk etmeginiň çäklerinde 9-njy oktýabrda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda GDA-nyň döwlet Baştutanlarynyň sammitiniň geçiriljekdigini belledi hem-de pursatdan peýdalanyp, Premýer-ministr Nikol Paşinýany ýene bir gezek bu sammite gatnaşmaga çagyrdy.

Şeýle hem telefon arkaly söhbetdeşligiň dowamynda türkmen-ermeni gatnaşyklarynyň gün tertibiniň meseleleri boýunça pikir alşyldy. Şunda dürli ugurlarda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ilerletmegiň möhümdigi bellenildi.

Söhbetdeşligiň ahyrynda Prezident Serdar Berdimuhamedow hem-de Premýer-ministr Nikol Paşinýan Türkmenistan bilen Ermenistan Respublikasynyň arasyndaky gatnaşyklaryň iki halkyň bähbidine mundan beýläk-de yzygiderli ösdüriljekdigine ynam bildirip, birek-birege berk jan saglyk, rowaçlyk we jogapkärli döwlet işlerinde uly üstünlikleri, iki ýurduň dostlukly halklaryna bolsa abadançylyk arzuw etdiler.

Telefon arkaly söhbetdeşlik ermeni tarapynyň başlangyjy bilen geçirildi.

# MEETING WITH THE AMBASSADOR EXTRAORDINARY AND PLENIPOTENTIARY OF FRANCE TO TURKMENISTAN

On 28 August 2026, Minister for Foreign Affairs of Turkmenistan Rashid Meredov met with the Ambassador Extraordinary and Plenipotentiary of the French Republic to Turkmenistan Philippe Merlin.

The Ambassador of France, who is concluding his diplomatic mission in Ashgabat, expressed his gratitude to the Turkmen side for warm hospitality.

During the meeting, the parties emphasized the steady development of Turkmen-French relations in the political-diplomatic, trade-economic and cultural-humanitarian spheres.

It was particularly noted that contacts at high and the highest levels are the key factor in the development of inter-state relations.

The trade and economic cooperation, which is one of the main pillars of the bilateral partnership, particularly in the fields of agriculture, water management and green technologies was discussed at the meeting.

The parties highlighted the effectiveness of the long-term cooperation in the cultural and humanitarian sphere.

# AŞGABAT ŞÄHERINDE TÜRKMENISTANYŇ WE ÝAPONIÝANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLERINIŇ DUŞUŞYGY GEÇIRILDI

2026-njy ýylyň 30-njy awgustynda Türkmenistanyň DIM-niň binasynda Türkmenistana iş sapary bilen gelen Ýaponiýanyň Daşary işler ministri Toşimitsu Motegi bilen Türkmenistanyň Daşary işler ministri Raşid Meredowyň ýolbaşçylygyndaky wekiliýetleriň arasynda duşuşyk geçirildi.

Duşuşygyň dowamynda taraplar türkmen-ýapon gatnaşyklarynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy, Gahryman Arkadagymyzyň we Türkmenistanyň Prezidentiniň Ýaponiýa amala aşyran saparlarynyň ähmiýeti aýratyn nygtaldy.

Ministrler iki ýurduň daşary syýasat edaralarynyň arasynda amaly hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de pugtalandyrmaga gyzyklanma bildirdiler. Ýaponiýanyň tarapyna



syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady we medeni-ynsanperwer ugurlaryndaky häzirki ýagdaýyny hem-de geljekki ösüş mümkinçiliklerini ara alyp maslahatlaşdylar.

Şunda döwletara gatnaşyklarynyň ösdürilmegine ýokary we iň ýokary derejedäki yzygiderli gatnaşyklaryň uly itergi berýändigi aýratyn bellenildi. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň türkmen halkynyň Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk ýörelgesine esaslanýan daşary syýasy ugruny goldaýandygy üçin minnetdarlyk bildirildi.

Taraplar halkara guramalarynyň, hususan-da Birleşen Milletler Guramasynyň çäklerinde özara işleriň utgaşdyrylmagynyň netijeliligini bellediler. Şeýle hem «Merkezi Aziýa + Ýaponiýa» formatyndaky hyzmatdaşlygyň ähmiýeti nygtaldy.

Duşuşykda iki ýurduň arasyndaky söwda-ykdysady hyzmatdaşlyga degişli meseleler hem ara alnyp maslahatlaşyldy. Gaz-himiýa senagaty, elektroenergetika, ulag we beýleki ugurlarda alnyp barylýan hyzmatdaşlygyň netijeliligi aýratyn bellenildi. Hyzmatdaşlygyň geljegi uly ugurlarynyň hatarynda öňdebaryjy tehnologiýalar we emeli aň görkezildi.

Ýaponiýa tarapyndan Türkmenistanyň ykdysadyýetini mundan beýläk-de diwersifikasiýalaşdyrmaga gönükdirilen taslamalara gatnaşmaga gyzyklanma bildirildi. Şunuň bilen baglylykda, «Sumitomo Corporation», «Toyo Engineering Corporation», «Kawasaki Heavy Industries, Ltd.», «ITOCHU Corporation», «Mitsubishi Heavy Industries, Ltd.» ýaly birnäçe ýapon kompaniýasynyň Türkmenistanda senagat toplumlarynyň gurluşygyna üstünlikli gatnaşandygy bellenildi.

Şunuň çäklerinde şu ýylyň dowamynda Tokioda geçirilmegi meýilleşdirilýän Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça türkmen-ýapon we ýapon-türkmen komitetleriniň bilelikdäki mejlisine taýýarlyk meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

Mundan başga-da, taraplar iki ýurduň arasyndaky medeni-ynsanperwer gatnaşyklary, hususan-da bilim ulgamyndaky hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmek bilen bagly meseleleri ara alyp maslahatlaşdylar.

Gepleşikleriň tamamlanmagyndan soň Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi bilen Ýaponiýanyň Daşary işler ministrliginiň arasynda 2027–2029-njy ýyllar üçin Hyzmatdaşlyk maksatnamasyna gol çekişlik dabarasy geçirildi.

# СОСТОЯЛАСЬ ВСТРЕЧА МИНИСТРА ИНОСТРАННЫХ ДЕЛ ТУРКМЕНИСТАНА С СОВЕТНИКОМ ПРЕМЬЕР-МИНИСТРА НИДЕРЛАНДОВ

3 сентября 2026 года в Гааге состоялась встреча Министра иностранных дел Туркменистана Рашида Мередова с советником Премьер-министра Королевства Нидерландов по вопросам иностранных дел и обороны Кристоффером Йонкером.

В ходе беседы были рассмотрены возможности придания дополнительной динамики туркмено-нидерландским отношениям. В частности, отмечена целесообразность активизации политических контактов и расширения диалога как на двустороннем уровне, так и в формате взаимодействия Туркменистан – Европейский союз.

Стороны также обменялись оценками современной международной и региональной обстановки. Туркменская сторона изложила подходы, вытекающие из статуса постоянного нейтралитета страны, подчеркнув особое значение превентивной дипломатии, политического диалога и мирных средств в урегулировании сложных международных ситуаций.

Отдельный блок встречи был посвящён экономической составляющей отношений. Обсуждены возможности более активного привлечения потенциала нидерландского бизнеса к реализации проектов в Туркменистане. В этой связи отмечены перспективы взаимодействия в области судостроения и морской инфраструктуры, здравоохранения, инновационных технологий, а также сокращения выбросов метана.

Туркменская сторона выразила готовность содействовать организации визитов руководителей ведущих нидерландских компаний в Туркменистан и проведению их встреч с профильными государственными структурами и деловыми кругами страны.

Значительное внимание было также уделено культурно-гуманитарному направлению двустороннего сотрудничества. В данном контексте отмечено проведение в провинции Лимбург Всемирного чемпионата красоты ахалтекинских лошадей и Международных соревнований по конному спорту. Туркменская сторона выразила признательность за созданные условия для проведения данного масштабного международного мероприятия. Было подчеркнуто, что интерес двух стран к традициям коневодства способствует дальнейшему укреплению культурных и общественных связей между Туркменистаном и Нидерландами.

По итогам встречи была выражена заинтересованность в продолжении начатого диалога и переводе обсуждённых инициатив в практическую плоскость.

## MEETING OF THE FOREIGN MINISTERS OF TURKMENISTAN AND THE NETHERLANDS HELD IN THE HAGUE

On 3 September 2026, a meeting was held in the Hague between the Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan Rashid Meredov and Minister of Foreign Affairs of the Kingdom of the Netherlands Tom Berendsen.

During the meeting, the sides expressed satisfaction with the progressive development of Turkmen-Dutch relations and reaffirmed their interest in further expanding cooperation in the political-diplomatic, trade-economic, cultural and humanitarian spheres.

In this context, the sides exchanged views on topical issues of the regional and international agenda. The Turkmen side reaffirmed its commitment to the principles of permanent neutrality, the Charter of the United Nations, as well as political and diplomatic methods for resolving international issues.

As part of the discussion of the trade and economic agenda, the sides considered prospects for intensifying business ties and cooperation in such areas as transport and logistics, port infrastructure, agriculture and modern agricultural technologies, energy, high technologies and industrial cooperation. The sides emphasized their interest in expanding direct contacts between the business communities of the two countries.

Particular attention was paid to cooperation in the field of education and the training of diplomatic personnel, including the long-standing cooperation between Turkmenistan and the Netherlands Institute of International Relations "Clingendael".

The sides also discussed the upcoming World Beauty Championship of Ahal-Teke horses and international equestrian competitions to be held in the Kingdom of the Netherlands. The Dutch side welcomed the organization of such a large-scale international event in the country, dedicated to Ahal-Teke horses and the rich traditions of Turkmen horse breeding.

At the conclusion of the meeting, the sides reaffirmed their mutual readiness to continue regular dialogue and joint efforts aimed at further strengthening the multifaceted relations between Turkmenistan and the Kingdom of the Netherlands.

## TÜRKMENISTAN PARAHATÇYLYK MEDENIÝETI BOÝUNÇA BMG-NIŇ ÝOKARY DEREJELI FORUMYNDA BITARAPLYGYŇ DOSTLARY TOPARYNYŇ GARAÝŞYNY BEÝAN ETDI




2026-njy ýylyň 2-nji sentýabrynda BMG-niň Nýu-Ýork şäherindäki ştab-kwartirasynda «Parahatçylyk medeniýetini ilerletmekde zenanlaryň liderligi» atly Parahatçylyk medeniýeti boýunça Hereketler maksatnamasynyň durmuşa geçirilmegine bagyşlanan ýokary derejeli forum geçirildi.

Çäre BMG-niň Baş Assambleýasynyň 80-nji sessiýasynyň Başlygy Annalena Berbok tarapyndan BMG-niň Baş Assambleýasynyň 80/294 belgili «Parahatçylyk medeniýeti hakyndaky Jarnama we Hereketler maksatnamasy bilen bagly işleriň dowam etdirilmegi» atly Kararnamasyna laýyklykda geçirildi.

Foruma BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralarynyň ýolbaşçylary, ÝUNESKO-nyň wekilleri, parahatçylygy berkitmek ulgamynda halkara derejesinde tanalýan şahsyýetler, şeýle hem Birleşen Milletler Guramasyna agza döwletleriň wekiliýetleri gatnaşdylar.

Forumyň plenar mejlisinde Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekili Wepa Hajiýew Parahatçylyk, howpsuzlyk we durnukly ösüş üçin Bitaraplygyň dostlary toparynyň adyndan, şeýle hem milli derejede çykyş etdi.

Çykyşda parahatçylyk medeniýeti bilen bitaraplyk syýasatynyň özara ýakyn arabaglanyşygy bellenildi. Bu ýörelgeler BMG-niň Baş Assambleýasynyň 80/294 belgili Kararnamasynda hem-de Türkmenistanyň başlangyjy bilen kabul edilen 80/262 belgili «Halkara parahatçylygy, howpsuzlygy we durnukly ösüş işini goldamakda hem-de berkitmekde bitaraplyk syýasatynyň orny we ähmiýeti» atly Kararnamasynda öz beýanyny tapýar.

Çykyşda zenanlaryň öňüni alyş diplomatiýasyna, parahatçylyk gepleşiklerine we irki duýduryş mehanizmlerine gatnaşmagyny giňeltmäge, şeýle hem zenan araçylar, parahatçylygy berkitmäge goşant goşýan zenanlar we zenanlaryň ýolbaşçylygyndaky guramalar üçin goldawy güýçlendirmäge aýratyn üns berildi.

Türkmenistanyň bu foruma gatnaşmagy ýurduň BMG-niň çäginde parahatçylyk we ynanyşmak medeniýetini, öňüni alyş diplomatiýasyny hem-de bitaraplygyň halkara parahatçylygyny we howpsuzlygyny üpjün etmekde netijeli gural hökmünde mümkinçiliklerini öňe sürmek boýunça yzygiderli alyp barýan işleriniň dowamydyr.

## НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

***Посол Туркменистана встретился с заместителем министра иностранных дел Королевства Саудовская Аравия***

31 августа 2026 года чрезвычайный и полномочный посол Туркменистана в Королевстве Саудовская Аравия Мухамметгелди Аязов встретился с заместителем министра иностранных дел Королевства по вопросам публичной дипломатии Раедом бин Халед Кармали.

В ходе встречи заместитель министра иностранных дел Р. Кармали ознакомил с ходом реализации программы «Vision 2030», отметив, что данная программа направлена на развитие экономической и социальной сфер страны. Он также подчеркнул, что реализация данной программы осуществляется молодёжью и для молодёжи.

Так же посол Туркменистана М. Аязов и заместитель министра обсудили вопросы дальнейшего укрепления политических, культурных, научно-образовательных и гуманитарных связей между Туркменистаном и Королевством Саудовская Аравия.

В частности, посол выдвинул предложения по дальнейшему расширению сотрудничества между высшими учебными заведениями, в том числе посредством подписания Меморандума о взаимопонимании и соответствующих документов о сотрудничестве. В ходе встречи была отмечена важность обмена опытом в данной сфере, подготовки студентов, а также организации совместных научных конференций и выставок.

***В Баку состоялась Азербайджанская международная биеннале***

С 4 по 6 сентября 2026 года в Баку, Азербайджанская Республика, состоялась Азербайджанская международная биеннале авторских кукол «Шёлк как небо».

В международной биеннале авторских кукол приняли участие авторы из Азербайджана, Туркменистана, Турции, Казахстана, Узбекистана, Кыргызстана и Венгрии. Участники представили авторские куклы, отражающие национальные традиции, культурные особенности и художественное наследие своих стран.

Туркменистан на выставке представили Бахар Дурдыева и Бахтыгул Аннакулыева. Их работы были выполнены в туркменском национальном стиле и продемонстрировали самобытность культуры Туркменистана и особенности традиционного декоративного искусства. В представленных произведениях особое внимание было уделено национальным костюмам каждого велаята, орнаментам, декоративным элементам и характерным художественным образам. Туркменские мастера посредством авторских кукол передали особенности традиционной культуры, продемонстрировав её богатство, красоту и многообразие.

Авторская кукла позволяет в художественной форме сохранять элементы традиционного национального костюма, национальные образы, декоративные орнаменты и представления о красоте, а также передавать их будущим поколениям. Представление туркменских авторских кукол на международной площадке позволило участникам биеннале ближе познакомиться с богатым национальным наследием и культурными традициями Туркменистана.

***Материалы подготовлены на основе интернет-источников.***